Häzirki zaman dünýäsinde ähli yklymlarda we ähli ýurtlarda syýahatçylyk infrastrukturasy ösdürilýär. Syýahatçylaryň dürli talaplaryna we maliýe mümkinçiliklerine laýyklykda, birnäçe myhmanhanalar hödürlenýär. Olaryň her biri myhmanlaryň isleglerini iň ýokary derejede kanagatlandyrmagy maksat edinýär. Käbirleri üçin arassa otag we iň az mebel ýeterlik bolsa, beýlekiler kaşaň hem-de döwrebap myhmanhanalar bolmazdan syýahat etmegi göz öňüne getirip bilmeýärler.
Şeýle syýahatçylar üçin ajaýyp interýerli, içerki infrastrukturasy ösen we myhmanyň her bir islegini çaklap hem kanagatlandyryp bilýän ýokary hünärli işgärleri bolan myhmanhanalar hyzmat edýär. Ýöne beýle myhmanhanalar arzan düşmeýär.

Eýsem, Dünýädäki iň gymmat myhmanhana haýsy? Bu soragyň jogaby 2016-2017-nji ýyllardan bäri öňdebaryjylygy saklap gelýän “Lover’s Deep British Submarine Hotel” myhmanhanasydyr. Bu adaty bolmadyk myhmanhana. “Oliver’s Travels” syýahatçylyk kompaniýasynyň taslamasy syýahatçylara bäş ýyldyzly interýeri bolan gämi – myhmanhanasynda suwa çümmek arkaly ajaýyp syýahata gitmäge mümkinçilik berýär. Birnäçe ýüz metr çuňluga çümüp bilýän hakyky suwasty gämi Karib deňzine romantik syýahat etmäge taýyn iki adam üçin aýratyn desgadyr. Myhmanlar kompaniýa bilen öňünden ylalaşyk arkaly Karib adasyndan myhmanhana girip bilerler. Lýuks öýjüklerde olara şampan, deňiz işdäaçarlary, miweler we şokolad garaşýar. Bu myhmanhana myhmanlaryna iň ýokary hyzmatlary edýär. Dykgat bilen işleýän gämi işgärleri siziň ýaşamagyňyzyň amatlylygy bilen baglanyşykly ähli islegleri birkemsiz ýerine ýetirer we aşpezler myhmanlaryň isleglerini göz öňünde tutup, iň ýakymly tagamlary taýýarlar.
Ýöne şeýle dynç alyş syýahatçylaryň köpüsi üçin elýeterli däl. 2017-nji ýylda bu myhmanhanada bir gije galmak 145 000 dollar bolan bolsa, häzirki wagtda 150 müň dollardan gowrakdyr. Bu oteliň ýene bir aýratynlygy onda iň azyndan 2 gün bronlamak meselesine seredilýär.

Ýeri gelende belläp geçsek, bu oteliň degişli bolan ýurdy – Sent-Lusiýa ada döwleti şol bir atdaky adada ýerleşip, onuň meýdany 616 km². Sent Lýusiýa Milletler arkalaşygynyň agzasy we Boliwariýa bileleşiginiň (ALBA) agzasydyr.

**Döwlet ÇARYHOJAÝEW**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik – gurluşyk**
**institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.11.2024